# OZON GATLAGYNY GORAMAK HAKYNDA WENA KONWENSIÝASY

Ozon ($O_3$) – kislorodyň üç atomly ýörite görnüşi bolup, atmosferada az mukdarda duş gelýär. Tebigatda duş gelýän ozonyň 90% atmosferanyň 10-njy we 40-njy kilometrleriniň arasynda, ýagny stratosferada ýaýrandyr.

Ozon gatlagy göze görünmeýän galkan hökmünde hereket edýär we adamlary günüň zyýanly ultramelewşe şöhlelerinden goraýar.

## TARYHY:

XX asyryň 70-nji ýyllarynda alymlar gündelik durmuşda peýdalanylýan käbir himiki maddalaryň atmosferanyň ozon gatlagyny dargadýandygyny ýüze çykardylar.

Bu meselä bagyşlanyp 1985-nji ýylyň 22-nji martynda Awstriýa Respublikasynyň Wena şäherinde geçirilen halkara maslahatyň netijeleri boýunça dünýäniň 28 sany döwleti, şol sanda SSSR-iň gol çekmeginde Ozon gatlagyny goramak boýunça Wena konwensiýasy kabul edildi.

Ozon gatlagyny goramak boýunça Wena konwensiýasy 1988-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda güýje girdi.

Wena konwensiýasy we Wena konwensiýasynyň Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça Monreal Teswirnamasy Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 3-nji awgustyndaky 1424 belgili Kararyna laýyklykda tassyklandy.

## ESASY MAKSADY:

Wena konwensiýasy ozon gatlagyny dargadyjy maddalaryň öndürilişine we peýdalanylyşyna gözegçilik etmek hem-de olary tapgyrlaýyn ulanyşdan aýyrmak arkaly ozon gatlagynyň

dargamagynyň öňüni almak hem-de adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramaklyga ýardam etmekligi maksat edinýär.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Ozon gatlagyny goramak hakynda Wena konwensiýasy çarçuwaly häsiýetli köptaraplaýyn halkara şertnama bolup, oňa gol çeken taraplar aşakdakylary ýerine ýetirmek babatda borçlanýarlar:

- Ozon gatlagyny goramak üçin degişli çäreleri ýerine ýetirmek;
- Ozon gatlagynyň dargamagyna getirýän himiki maddalary we olaryň ulanylyşyny öwrenmek, alternatiw maddalary we tehnologiýalary döretmek babatda hyzmatdaşlyk etmek;
- Ozon gatlagynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir edýän işlere gözegçilik çärelerini taýýarlamak we ulanmak babatda hyzmatdaşlyk etmek;
- Ozon gatlagy we ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça ylmy-tehniki, durmuş-ykdysady, söwda we ýuridik maglumatlary alyşmak;
- Tehnologiýalary we ylmy bilimleri işläp taýýarlamakda we alyşmakda hyzmatdaşlyk etmek.